# Mete han / romandan bölek

Category: Kitapcy,Sözler,Taryhy proza
написано kitapcy | 22 января, 2025
Mete han / romandan bölek “Beýik Düzlügiň halklarynyň erkinligini hunlaryň ýeke-täk özleri gorap sakladylar. Olar özlerinden ýigrimi esse artyk duşmana garşy göreşdiler. Olaryň garşysyna diňe bir sanýetmez goşunlar däl, eýsem diplomatiýa hem, ykdysadyýet hem, medeniýet hem sürüldi.”
Lew Gumilew “Hunlar Hytaýda”

Gaçgak

Aňyrsyna-bärsine göz ýetmeýän sähralary al-ýaşyl dona büräp, bol ygally gelen baharyň bu jelegaýlaryň üstünden hökmüni ýöredip ýörenine eýýäm ikinji aýyň içi bolsa-da, howanyň entek birneme çigregi bardy. Şonuň üçinem han öýüniň töwereginde aýlanjyrap ýören garawullar geçýän ýollaryny biraz üýtgedip, öýüň gabat-garşysynda ýanýan äpet alawa golaýrakdan ötenlerini kem görmeýärdiler. Hasam garawullaryň biri oda ýakynrakdan geçmäge, onuň ýanynda ýeke pursadam bolsa artygrak säginmäge çalyşýardy. Sebäbi onuň egninde mazaly eýlenen öküz hamyndan keltekçeden, aýagynda bolsa gaýyş jalbardan özge geýim ýokdy. Üstesine aýagyndaky ham çarygynyň içine oltaň deregine dykylan bir penje bede-de aýagyny ýylatmakdan geçen, gaýta dabanyny gijedip bimaza edýärdi.
Howanyň barha sowap barýandygyny tutuş endamy bilen syzýan garawulyň içi gysýardy. Olar gijeki garawulçylyk nobatyna ýaňy girişipdiler. Ilkinji horazlar gygyrmanam çalşyljak gümanasy ýokdy. Hernä sakçylykda bir ýerde durmagyň gadagandygy hem bir gowy zat. Jezadan gorkyňa-da bolsa, iki-ýana gatnap ýörseň, her niçigem bolsa, garaz iniň ýylaýar.
Çyplak geýnen garawul, alasarmyk düýşde görülýän albassy ýaly bolup, hol beýleräginde aýlanyp ýören ýoldaşynyň egnindäki tüýi daşyna çöwrülip geýlen, goýun derisinden tikilen oýluga gözigidijilik bilen garanjaklady. Oduň ýagtysyna ýoldaşynyň öz nazaryny gapyp alyp, ýaňsyly gülümsirändigini görübem, uludan

bir gaharly dem aldy-da, nämedir bir zady synlamakçy bolýan ýaly küren tutup ýatan Uly ulusyň syýrgynlaryna garşy tiňkesini dikdi. Emma düýejileriň Han ulusynyň daşyny bürän tümlükde hiç zat saýgarar ýaly däldi. Garawul özüniň üşeýändigini hem-de bahylçylyk edýändigini ýoldaşyna bildirmejek bolup, sähel salym uzagrak garaňkylyga siňe-siňe sereden boldy-da, ýene-de öz ugruna ýöneldi.
Gabatlaşanlarynda ýoldaşy oňa: “ol ýerde näme gördüň?” diýýän terzde baş atdy. Garawul özüniň kiçijik, peýdasyz piriminiň paşanyna monça bolup, “hiç zat” diýen terzde başyny ýaýkady. Şol pursadam içerden ýaňlanan gülki seslerinden ýaňa han öýi sarsyp-sarsyp gitdi. Garawul, ýoldaşynyň öýüň ýeňsesine aýlanyp, garaňkylyga siňip gidendigini gördi-de, ädimini haýallatdy. Onbaşylardan ýa-da ýüzbaşylardan biri özüniň bu hereketini göräýse, dürre gamçy bilen mazaly eýiniň ýetiriljekdigine gözi ýetip dursa-da, böwrüne hürsekleýän bilesigelijilik melguny, süňňüni galpyldadýan gorky ruhundan üstün çykdy. Duran ýerinden eglip, assyrynlyk bilen öýüň serpiginiň yşyndan içerini synlady.
Içinde ýüz esger dagy ap-arkaýyn döwre gurap oturyp biljek mähnet han öýüniň töründe, şadyýan alaw göýä, elini çykaryp asmandan aslyşmaga dyrjaşýan dek, tüýnüge tarap böküp-böküp ýanýardy. Oduň gönüsinde düýejileriň Ulug hany Börübaý aýbogdaşyny gurup otyrdy. Onuň egnindäki zer-zerbaply don lowurdap, älemgoşaryň ähli reňkleri bilen öwşün atýardy. Bu dony Börübaý hana düýeji ülkelerinde päsgelçiliksiz söwda etmäge ygtyýar berendigi üçin çyn täjirleri peşgeş beripdiler. Ulug hanyň gapdalynda bolsa daglyk ülkelerde ýaşaýan kýanlardan öwezine kyrk sany saýlama öküz berip çalşylan demir gylyç, gynyndan çykarylgylygyna, oduň ýalkymyna ýaldyrap ýatyrdy. Ulug han samyr derisinden tikilen telpegini bir elinde saklap durşuna, tekiz syrylandygy zerarly ýag çalnan ýaly ýalpyldaýan ýylçyr kellesini beýleki eli bilen sypalap, arkan-ýüzin gaýşyp gülýärdi.
Hanyň töwereginde “Dun-huandan demirgazyga, Ordosdaky Beýik Diwardan demirgazyk-günbatardaky Hami ülkelerine çenli ”, Ordosyň günbatar tarapyndaky Hesi sähralaryny tutuşlygyna

eýelän, mähnet hem kuwwatly düýeji halkynyň ähli ulus begleri onuň gülküsine goşulyşyp, öňem gohy ýetik şagalaňyň şowhunyny has hem artdyryp, ala-gykylyk bolşup otyrdylar. Ýalnyň ýagtysy olaryň derden ýaňa ýylpyldaýan ýylçyr kellelerinde, teýinde akýagyzam bolsa ýele gaýzygyp, güne garalan ýüzlerinde raks oýnaýardy. Ulus begleriniň öňlerindäki ýaby etiniň ýagly-ýagly omaçalaryndan doly toýun tabaklara, paşyrdap duran gymyzly golçalara gözi düşen garawulyň aňyrsy ýalmanyp-ýalmanyp gitdi. Mydama doýa garny doýman ýören nöker ymsynyp, gultundy-da, dikeldi. Şol pille-de ol, ýeňsesinden, öýüň daşyndan aýlanyp gelýän ýoldaşynyň aýak sesini eşitdi. Ol haýdan-haý öz ugruna ýumlukdy.

Öýüň gyrasyndan aýlanyp barýarka-da agzy suwaran ýarym aç garawul ýene-de jandurmazaklygyny edip, biygtyýar yzyna gaňrylanda, serpigiň yşyndan bosaga golaý oturan on ýedi—on sekiz ýaşlaryndaky jahyly görüp galdy. Onuň sypaty, daş keşbi içerdäki ulus beglerine, asla düýejilere düýbünden çalym etmeýärdi. Öz ugruna dähedem-dessemläp barşyna garawul ýaňky iýmitlerden, özüniň açlygyndan ünsüni sowmak üçin, tötänden gözüne kaklyşan nätanyş ýigit barada oýlandy.

Kimkä ol? Çyn söwdagärleriniň biriniň szelusymyka , ýa? Aý ýok, çynlar-a çalym etmeýär… Weý, bildim ahyry!

Birdenkä garawulyň ýadyna düşdi.

Bu, öten ýyl hunlardan getirilen amanat ahbetin! Onda näme ol, bu mahal bize tabyn beýleki taýpalardan berlen amanatlaryň arasynda, “amanat öýde” dälkä?!

Onýança garawul öýüň daşyndan aýlanyp, ýene-de han öýüniň serpigine ýakynlady. Eglip, işigiň serpik örtmedik yşyndan içerik bir göz aýlady-da, zamunlyk berlen hun ýigdiniň henizem bosaganyň golaýynda, “köwüş bazarynda” oturandygyny görüp, geçip gitdi. Gidip barýarka-da köpräp duran gymyzdan meý-mes bolan serhoş begleriň biriniň:

-Eý hun, hany bäri gel!-diýip gygyrýanyny eşitdi.

Düýejileriň dili hunlaryňka ýakyndy. Üstesine-de olar eýýäm iki-üç asyr bäri goňşuçylykda hem üznüksiz duşmançylykda ýaşaýandyklary zerarly, hunlaryň aglaba köpüs-ä düýejileriň, düýejileriň aglaba köpüsi-de hunlaryň diline beletdi. Şonuň

üçinem bir ýyla golaý wagt bäri köp asyrlyk ýagylarynyň elinde ýaşap ýören hun ýigdi düýeji beginiň sözlerine hiç hili kynçylyksyz düşündi. Ol wagşyýana keýp çekýän düýeji begleriniň meýlisiniň öz göwnüne-de ýaraýandygyny görkezmek isleýän dek, yşnaksyz syrtardy. Onuň jowur ak dişleri daş-töweregini syrtlan sürüsi gabandan soň ölmejek bolup, guýrugyny ýamzyna gysyp, boş haýbat bilen hyňranýan möjegiň gyýaklary deýin akjaryp gitdiler. Ol ýerinden turdy-da, şol yşnaksyz ýylgyryşyny bugdaýreňk ýüzünde doňduryp, özüni çagyran ulus beginiň ýanyna bardy. Lül-gammar bolan ulus begi onuň ýakasyndan ildi-de, özüne dartdy. Hun bendisiniň egnindäki gaýyş keltekçäniň tikinleri sökülere gelip şatyrdady. Emma mazaly guradylan siňirden sapaklar ojagaz-bujagaz dartylany bilen ýolunjak zat däldi.
Daýanykly düýeji beginiň ämert güýji bilen ýakasyndan ebşitläp dartandygyna garamazdan ýigdiň at üstünde islendik ýagdaýda-da gymyldaman oturmaga endik eden aýaklary mizemedi hem. Gaýta öz güýjüne ulus beginiň özi tasdanam öňündäki içi omaçadan doly tabaga düňderilýärdi. Muňa gymyzdan ýaňa başlary sämäp duran beýleki begler hem, Ulug han hem ala-pakyrdy boldular.
-Haý-haý Togon beg, indi bir agzysary hunjagazy ýerinden butnadyp bilmän naharyň içine gaçsaň bolaýjagam özi!-diýip Börübaý han gözlerini ýaşardyp gülüp oturşyna, elindäki gemrilen süňki bosaga garşy zyňyp goýberdi. Begler hanyň gülküsini gaýtadan alyp göterdiler. Gahar-gazapdan ýaňa Togon begiň ýüzi çym-gyzyl boldy.
-Menmi indi, hunlaryň gögelesini eýgerip bilmeýän?! Ol-a muny ýerinden gymyldatmak ekeni, munuň häzir ýüzüni aýagyma-da oýkaryn!
Hun ýigdiniň ýüzi üç ýuwlan ak esgä döndi. Emma ol kelam agyz geplemedi-de, özi bilen edilýän oýny kabul edýändigini görkezmek üçin hasam beter ýyrşardy. Togon beg özüni ikilenç dartanda-da aýaklaryny gowşatdy-da onuň çeken ugruna tarap gaýtdy. Ýigit, serhoş beg öz maksadyna ýetenden soň ýakasyny goýberer öýtdi. Emma Togon beg ony goýbermekden geçen, gaýta onuň bir elini ýakasyndan aýyrdy-da, gür, gara saçyndan penjeläp tutup, onuň başyny aşak, öz kirli aýagyna garşy egip

ugrady.
Ýigit aljyramady. Hiç-hili garşylyk görkezmän çekilen ugruna garşy boýunalyk eglip barşyna gözüniň gyýtagy bilen tabagyň gapdalynda gara bürünçden taplanan gamanyň ýatandygyny saýgarmaga ýetişdi. Ol elini uzatdygy pyçaga ýetýärdi.
Soň näme etmeli? Bu serhoş begler gapdallarynda ýatan bürünç ýaraglaryna ýapyşyp ýetişýänçäler, ol bularyň iň bolmanda üç-dört sanysyny-ha Zeminasty tümlükde sergezdan bolup ýören Erligiň melgunlaryna sowgat berip bilerdi… A soň näme?! Soňmy? Soň ony daşardaky garawullara ýetirmän şakgalarlar. Şeýdibem ol dynar. Ýeri dynanda näme?! Oňa derek bu begsumak düýejiler onuň namysyny-ha depgiläp bilmezler. Onsoňam aslyýetinde ony kakasy şu ýere ugradanda-da şol maksat bilen, öz hanlygynyň elinden gitmeginden eýmenip, ony öz ýalýagylarynyň eli bilen ýoklamaga-da halkyň arasynda ýaýrajak gep-gürrüňlerden, oýmakdaşlaryndan gorkup, duşmanlarynyň eli bilen ondan dynmak üçin ugratmadymy, eýsem?!
Bu zatlar kellesine gelende hun ýigdiniň gany depesine urdy. Ol bürünç pyçaga tarap uzamaga dalaş edýän elini buduna berk gysdy. Munuň bilenem oňman, birden ol özünden bidin pyçaga ýapyşyberer gorkusy bar ýaly, uýlugyndan ykjam gysymlady.
Hiç haçan muňa ýol bermerin! Ýok! Ýok! Men öläýmerin! Maksadyma ýetmän hiç haçanam öldürip bilmezler, meni! Binamyslygam bolsa çekerin, ezýetem bolsa çydaryn! Diňe diri galsam bolýar! Galanyny bolsa soň görübereris! Eger diri galyp maksadyma ýetsem, tamugyň kasas melgunlary hiç haçan aç galmazlar!
Hyrçyny dişlän hun ýigdi ýüzüne golaýlap gelýän kirli, porsy aýagy görmezlik üçin gözlerini ýumdy-da, birmahallar, garaja galpakly oglanjyk döwürleri, bir zatdan gorkup, gijelerine uklap bilmese, ejesiniň gaýtalamagy öwreden ýekeje mynajatynyň sözlerini içinden gaýtalap başlady.
“Gök – Atamdyr, Toprak hem Enem, Ýagtylyk – Ýaşaýyşdyr, Tümlük hem Ölüm! Meni dogranlar asman bilen zemindir, aý hem gün ýetişdirenler! Gök hudaýy – Deňriniň gudratyndan, uçmahda orun tutan ata-babalarymdan, jümle-jahana dirilik paýlaýan ýagtylygyň ruhlary – Ikiaranyň howandarlary Ýersuwdan , arşdan

hem kürsden medet dileýän, hemaýat dileýän, ýardam dileýän!”
Togon beg ony ýere ýykyp, kellesine aýagyny goýdy.
Hun ýigdiniň jebis gysylan dişleri dodaklaryna batanda ol agzynda ganyň tagamyny duýdy. Gahar-gazapdan ýaňa başy aýlanyp ugran bendi ýigit gyssandy. Elýeterinde ýatan pyçaga ýapyşmazlyk üçin budundan has mäkäm gysymlady-da, ýaňky dogasyny ýetişibildiginden gaýtalamasyny hasam çaltlaşdyrdy.
“Gök – Atamdyr, Toprak hem Enem, Ýagtylyk – Ýaşaýyşdyr, Tümlük hem Ölüm… medet dileýän, hemaýat dileýän, ýardam dileýän… medet dileýän, hemaýat dileýän, ýardam dileýän…”
-Han aga, ine bu hunjagazlary Togon beg nädýär! Ha-ha-ha! Bulary diňe şeýtmelidir, han aga!-diýip abyrsyz bir edermenlik görkezen dek, Togon beg bogazyna bat berip gygyrdy.
Begler Togon begiň gykylygyny alyp göterdiler. Olaryň şowhuny dik göge galdy. Hun ýigdiniň üstüne gemrilen süňk bölekleri ýagyp ugrady. Şol müddet, serhoş bolan Börübaý han itenek-çomanak bolup ýerinden turdy-da, gaňşyrawugyňy tütedip gelýän gymyzdan ýaňa gyrlan sesi bilen:
-Haý-ýa, ur-ha-ur!-diýip düýejileriň söweş çakylygyna gygyryp goýberdi.
-Haý-ýa, ur-ha-ur!-diýşip begler ondanam beter haýkyryşdylar.
-Hunlaryňky indi gutardy!-diýip Börübaý han begleriň gykylygyny basmak üçin sesinden baryny edip bögürdi:-Günbatardan bizler sürnüp, olary Alaşan sähralaryndan hem degrelerinden gysyp çykardyk, gündogardan dunhular üstlerine dökülip, olary ýeňdiler, indi olar her ýylda dunhulara paç tölemeli. Tutuş Çyny golastynda birleşdirip, Beýik Diwary gurmaga girişen Altyn han Huandiniň emri bilen onuň serkerdesi Men Týan, geçen ýyl ýazda, ýüz müňlük goşuna baş bolup, hunlary çym-pytrak etdi. Ordosy basyp aldy. Häzirem ol hunlar yzyna köwlenmäge het etmez ýaly, Sary deryanyň kenarlarynda, birbada kyrk dört kendi gurmaga girişdi. Ol serhetýaka daglary berkitme hökmünde ulanýar. Ýapgyt gaýalaryň üstüne gullara hem çyn esgerlerine daş daşadyp, olary kert gaýa öwürýär. Indi hunlaryň atlary hiç haçanam olaryň ülkelerine çapawulçylyk edip bilmezler. Çöl üstünden öwüsýän ýeller çyn täjirleriniň agzyndan çykýan sözlere gaplanyp meniň gulagyma ýetirdiler.

Men Týan golaýda Sary derýadan bäri ýüzüne geçip Inşan daglarynyň etegini eýeläpdir. Hunlar indi daglardaky iň oňat ýerlerini, guşlardan hem haýwanlardan mygylly tokaýlara hem ot-çöpe baý awlaglaryny hemişelik ýitirdiler. Öň olar şol tokaýlarda özlerini ýeňilmezek edýän kemanlaryny hem peýkamlaryny ýasap bilýärdiler, çyn ülkelerine, daş-töwereklerindäki beýleki ülkelere çapawulçylyk edip, baý olja bilen dolanyp gelýärdiler. Indi welin, olarda bu zatlaryň hiç biri ýok. Öň olaryň golastynda olara paç töleýän biz – düýejileriň lypan hem baýan taýpalarymyz ýaşaýan ordos sähralary bardy. Men Týan olary hem hunlaryň garagyna basyp, gaňryp aldy. Hemmelerden ýeňlen emelsiz ýabgu Duman bolsa ençeme wagt bäri şu sähralara şan-şöhratlary bilen ýaň salyp gelen, indem çynlaryň turzan towşunyň çaňyna garylan hun halkynyň galan-gaçanjasyny yzyna tirkäp, şu ýere, Galkan ülkelerine, tozap ýatan Şamo çöllügine geldi. Biziň – şan-şarafaty Tükeniksiz deňizden Tükeniksiz deňze çenli ähli ýurtlara jar bolan düýejileriň – aýagymyza ýykylmaga geldi. Haý-ýa, ur-ha-ur!

Börübaý han öňünde duran gymyzly golçany aldy-da, ernininiň gyrasyndan syrykdyryp, ony bir demde başyna çekdi. Soňam Togon begiň dabanynyň astynda özüne garşy tiňkesini dikip, ýyrşaryp ýatan hun ýigdine garady-da, gygyryp goýberdi:

-Zamun berip, amanat goýup, ýalbar-ýakar bilen sypaýjak bolýansyňyz! Başartmaz! Men! Düýejileriň Ulug hany Börübaý siz – hunlaryň tohumyny tükederin! Naçarlaryňyz nökerlerime güň bolar, ganyňyz suwça ýüwrüp, süýegiňiz depe bolup, biziň seglerimiziň öňünde siňekläp ýatar. Sähralaryň ählisinde diňe düýejileriň sürüleri bakylar! Haý-ýa, ur-ha-ur! Düýejilere şöhrat!

Serhoş hanyň bu sözlerine başy aýak astynda ýatan hun amanady has hem syrtardy. Onuň bu syrtaryşy lül-gammaram bolsa hanyň gözünden sypmady. Ol serhoş gülki bilen "hahahaýlap" gülmäge başlady:

-Nämä gülýärsiň, binamys? Daban astynda ýatyrsyň ahyry! Ýa indi hunlar ülkeleri bilen birlikde çynlara namys-mertebelerini hem goýup gaýtdylarmy?!

Begler gykuwlaşyp bendi ýigdi aýaga galdyrdylar-da, onuň çem gelen ýerine ellerini-aýaklaryny salgap ugradylar. Ýadaýançalar ony ýençdiler. Daljygyp ugranlaryndan soň olaryň birlän-ikiläni bendiniň daşyna üýşen hümerden saýlandylar-da, ýerlerine geçdiler. Biraz wagtdan soň bendini öz gününe goýdular. Ol gan-gabarçak bolan dodaklaryny ýalady-da, ýene-de möjek ýylgyryşyny etdi. Ýüz-gözüniň urgulardan ýaňa güp ýaly çişendigi sebäpli onuň syrtaryşy biçak eýmenç göründi. Ol süýrenip bosaganyň ýanyna bardy-da, arkasyny tärime diräp, gyzyl-ýaýyrt bolup ýatan süňkleriň, hapa-galyndylaryň arasynda jaýlaşykly oturdy. Onuň zir-zibiliň arasynda ýyrşaryp oturyşy Togon begiň nazaryna ildi. Ol:
-Serediň-ä gardaşlarym, it öz ýerini bilýär-ow!-diýip gygyryp goýberdi. Ýaňybir kiparlan gülki tupany içerde gaýtadan joş aldy. Gülüp-gülüp ragbaty galman hynçgyryp ugran Börübaý han gülkiniň arasynda elindäki ýarysy gemrilen omaçany hun ýigdine tarap oklap goýberdi:
-Me, al, senem bu meýlisden binesip galma, itjagaz!
Bendi ýigit erinlerini ýyrtaýjak bolup ýyrşardy-da, agyzdan galan omaçany howadaka gapyp alyp, oňa işdämen agyz urdy.
“Hasaplaşarys, han hezretleri, juda gowy hasaplaşarys! Juda gaýym edip, mäkäm edip, ykjam edip, dagy-duwara, o dünýe bu dünýe gopmaz ýaly edip, berkidip-berçinläp, hasaplaşarys! Bujagaz omaçaň üçinem, bujagaz tomaşaň üçinem! Häzir welin, men aç, men diri galmaly” diýip oýlananda ýigdiň gözleri otlukly lowurdap gitdi. Emma ol dessine özüne basalyk berdi-de, göýä bu pikirlerini içerdäkileriň biri eşidäýjek ýaly, samsyk ýyrşarma bilen olaryň üstüni ýaşyrmaga howlukdy.
-Görýän welin, han aga, bu hun hanzadasyndan seniň üçin örän oňat oýunçy güjük çykaýjak ýaly-la! Gel şunuň saçynyň ýarysyny syraly-da, muny hakyky keşbine getireli! Ýogsa munuň näme etseňem ýyrşaryp durşy, diňe bir ata-babalary, gaýduwsyzlygyň nusgasyny görkezen hunlar-a däl, eýsem bu sähralaryň hiç bir adamsyna-da gelişmeýär!-diýip hun ýigdiniň açgözlük bilen omaça gemrişini synlap oturan Togon beg mojukdan-mojugyny tapdy.
Bendiniň ini tikenekläp gitdi. Sebäbi onuň halkynda saçyny

syrmak nähili agyr jenaýat etse-de erkek kişilere berilýän jeza däldi. Diňe aýagyny gyşyk basan, bozuk aýalyň saçy syrylýardy. Soňra bolsa ol daş bilen urlup, halkyň arasyndan çöl-beýewana kowulýardy. Şeýle garamaňlaý bedibagta sataşan adamam onuň bilen näme etse haky bardy. Beýle jeza höküm edileni däp-dessurlaram, ýersuw ruhlaram, asman bilen zeminem goramaýardy. Onuň ýary melgunlar, ýoldaşam al-arwahlardy. Bu wagt bolsa oňa – erkek kişä, özi-de han ogluna garşy hiç bir sebäpsiz şeýle masgaraçylykly jezany ulanjak bolýardylar. Näme etmeli? Eger-de diri galmak üçin muňa-da çydaýsa, onda şondan soň diri galmagyň derkary bir barmyka?
Bendi ýigit ýeňsesinden gaýdan der damjalarynyň joýa-joýa bolup gerşinden, oňurgasynyň ugruny yzarlap aşaklygyna syrygýandygyny duýdy. Onuň şeýlebir ýüregi gysdy, şeýlebir ýüregi gysdy welin, edil ýöne kalbyny doldurýan ymgyr nalajylykdan, çykgynsyzlyk duýgusyndan ýaňa, elleri bilen ýüzüni ýapyp, zörledip möňňüberesi, it bolup uwlaberesi geldi. Ýuwdunyp, zordan saklandy. Togon begiň teklibine jogap bermek üçin Börübaý han agzyny açýança geçen dem salym hem durşy bilen gulaga öwrülen hun ýigdi üçin tükeniksiz asyra döndi.
-Syryň! Ýöne ýarysyny däl-de tutuşlygyna! Indi hunlar barybir gümlama gitjek bolsa, onuňam hun bolup galmagy hökman däl! Ir boldy giç boldy, tapawudy näme? Goý, ol iň gowusy biziň ýaly düýeji bolsun!-diýip Börübaý han gülkiniň arasynda aýtdy.
Aýdyldy gutardy. Ulug han sözüni soňlap-soňlamanka Togon beg başlyklaýyn ulus begleriniň birnäçesi patanaklaşyp geldiler-de, garşylyk görkezmeýän hun ýigdini gabyrdadyp basdylar.
“Ýeri bolýar! Munyňyzam ýuwudýan, esasy zat diri galsam bolýar!” diýip Togon begiň elindäki bürünç pyçak saçynyň bir penjesini hamy bilen goparyp alanda hun ýigdi ajy oýlandy.
-Gury bolsa pyçak ötmeýär ahyry! Hany ölläliň muny!-diýip öz goparýan hokgasyna köhi gelýän Togon beg golaýynda duran gymyzly golçany aldy-da, bendiniň depesinden eňterip goýberdi. Şol pille-de ol näme üçindir hun ýigdiniň ýüzüne garady. Birdenem bendiniň ýüzünden syrygýan turşy damjalaryň arasyndan özüne garşy çiňerilen göreçlere gözi kaklyşanda ulus beginiň endamy jümşüldäp gitdi. Onuň tutuş durkuny nähilidir bir

düşnüksiz gowşaklyk gaplap aldy. Gözleriniň öňi ümezläp duran begiň göwnüne bolmasa, häzir, edil şu pursat, şu pille, bendi özüni dumly-duşdan penjeläp duran begleriň golundan sypaga-da, atylyp turup, aýylganç ýylgyryş bilen syrtaryp duran dişlerini özüniň bogazyndan ötüräýjek ýaly bolup göründi. Hernäçe garadan gaýtmaz bolsa-da Togon begiň gursagyna wehim aralaşdy. Ol elindäki bürünç pyçagy gapdalyndakylaryň birine tutdurdy-da:
-Galanyny özüňiz syryberiň, men bu guluň sertaraşy däl, onuň saçyny syryp berer ýaly!-diýip hümürdäp, ornuna geçdi. Özüne näme bolýandygyna düşünmänem, sus halda golaýyndaky golçalaryň birine elini ýetirdi. Ony başyna çekdi. Emma şondan soň tä meýlis tamamlanýança Togon begiň gymyz içibem, omaça gemribem, tomaşa gurabam weji bolmady. Çünki ol ýaňy, nazar nazara kaklyşanda, hun ýigdiniň özüne garaýan göreçlerinde özüniň gutulgusyz ajalyny görüpdi.
Indi tapawudy ýokdy. Ha onuň kalbynyň iň gizlin künjünde apalap ýören yhlasy wysal bolup, ol düýejileriň Ulug hanlygyna göterilsin, ha ilinden-gününden jyda düşüp, alys ülkelere gul edilip satylsyn, ha şu ýagdaýynda, şu derejesinde galsyn, ha gorkusyna uzakdan-uzak ülkelere gaçyp gitsin, ha günäsini ötmegini diläp, onlarça ýyllaryň dowamynda, gije-gündiz aýagyna ýykylyp ýalbarsyn, ha ummasyz maly-mülküni aýak astyna taşlap, köp engamlar döküp şirin janyny satyn almaga çalyşsyn… Tapawudy ýokdy. Bu ajalyň ony ýere girse gulagyndan, asmana uçsa aýagyndan dartyp alyp, onuň her tikesini gulagy ýaly edip, özüne iýdirjekdigi ikuçsyzdy. Eger ondan ölüp sypmak üçin, ol yzyndan ýetmänkä öläýen ýagdaýynda-da, ol ajalyň ony täzeden direldip, gaýtadan öldürmek üçinem elinden gelenini gaýgyrmajakdygy köre hasady.

xxxxx

…Baýandyr düýejileriň ulusyny görmänkä, ysyny aldy. Tüssäniň, dersiň, goýun ýüňüniň, eýlemek üçin guradylýan mal derileriniň garym-gatym dürüşde ysyny, sähra şemaly başyny bozman diýen ýaly ýarym menzile çenli uzaklyga getirýärdi. Baýandyr eýeriň

üstünde dikeldi-de, elini kölegeledip, gözýetime garşy siňe-siňe seretdi. Gün ýaşyp gelýärdi. Şonuň üçinem günbatar, gök çetinde döwüş gurýan ýagtylygyň ruhlarynyň hem tümlügiň melgunlarynyň al ganyna boýalypdy. Baýandyryň gözleri ýitidi. Elbetde sähra çarwalarynyň hemmesine-de ýitigözlülik mahsusdy, ýöne ol oňony bürgüt bolan kyýatlaryň kowmundandy. Kyýatlar bolsa hunlaryň arasynda iň ýitigözliler diýlip ata-baba ykrar edilip gelýärdi.
Emma bu wagt Baýandyra ýitigözlüligi üýtgeşik bir peýda etmedi. Gözýetimden çar ýana ýaýraýan gyzgylt şöhleler zerarly gözüň her niçe ýiti bolanda-da hol allaowarradaky zatlary saýgarar ýaly däldi. Näçe seretse-de düýejileriň ulusynyň depesinden göterilýän tüsseleri saýgaryp bilmedik Baýandyr, aýaklaryny ýazmak üçin atyndan düşdi-de, gerindi. Ýaňy jahyllygyň bir gyrasyny gädip ugran on alty – on ýedi ýaşly ýigdiň gany gyzgyn ýakym bilen damarlaryny yzarlap-yzarlap gitdi. Ol eýläk-beýläk gezmeläp başlady.
Baýandyr bu mahal ýadaw däldi. Enesiniň süýdi bilen uzak aralyklara ýöriş etmegiň aby-taby ganyna siňen sähra ýigdi, yzyna gaýdanda düşlemäge, dynç almaga maý bolmajagyna gözi ýetip durdy. Şol sebäpli-de hun ülkesiniň gyrak-bujagynda ýerleşen kyýatlaryň öri meýdanlaryndan düýejileriň han ulusyna çenli üç günlük ýoly, atynyň-da, özüniň-de arrygyny gynaman, islän ýerinde dynç alyp, ýatyp-turup, suw-söl içip, mazaly nahar-şor edinip, kera-mara geçipdi. Edil özüni-de, atyny-da bu gün-erte başlanjak surnukdyryjy gaçha-kowluk üçin seýisleýän ýaly. Gaçha-kowlugyň bolsa aldym-berdimli boljakdygynyň ujy ýekedi. Sebäbi, hatda ata-enesine-de duýdurman, düýejileriň ülkesine niýetini berke tutup gaýdan jahylyň arzyly oljasyny oňdurman ýeňse bermejekdig-ä düşnüklidi welin, düýejileriňem şol oljany aldyranlaryndan soň, ony diri goýbermezlige diş-dyrnak bolup dyrjaşjakdyklary daşa ýazylan ýalydy.
Biraz aýaklarynyň gurşugyny ýazan Baýandyr gaýtadan atlandy. Düýejileriň ulusydyr öýden tarapyny gyýalap ugrady. Ol küren obanyň çat maňlaýyndan barman, arkasyndan aýlanmak isleýärdi. Çünki düýejiler özleri üçin garaşylmadyk bir hokganyň

goparylaýmagyna diňe hun ülkeleri tarapyndan garaşýardylar. Şol tarapda-da olaryň garawullaram, itlerem köpdi. Han ulusynyň sagy-soly hem ýeňsesinde bolsa olaryň öz gardaşlary – beýleki düýeji taýpalarynyň obalary bardy. Şoňa görä-de Baýandyr düýejiler hem hunlara, has takygy çarwalaryň ählisine mahsuslykda ulusyň ýeňse ýüzünde sakçy goýaýan bolsalaram, şöwür çekýänleriň maňlaýdaky garawullar dek öte hatyrjem durmaýandyklaryny çaklaýardy.
Bu gün ýel oba tarapdan öwüsýärdi. Itleriň öz ysyny almajakdyklaryna arkaýyn bolan Baýandyr hemişe hüşgärligini elden bermeýänem bolsa, bu gezek bigamlyk bilen oba ýakynrakdan geçdi. Ol obanyň ýeňsesine aýlanýança garaňky hem mazaly gatlyşdy. Baýandyr atyny obanyň esli daşlykdaky keliň saçy ýaly selçeň agaçlykda iltedi. Onda hunlaryň hemmesindäki ýaly gaýyşdan gynly göni, gysga, demir gylyjy, demirden pyçagy, egri ýaýy hem-de peýkamdan doly sagdagy bardy. Peýkamlarynyň sagdaga sygmadygy bolsa Baýandyryň eýlenen göle hamyndan ädigininiň gonjuna gysdyrylgydy . Ol ýarag ugrundan bolan esbabyny aldy-da, oba garşy ýöneldi. Düýejileriň syýrgynlaryna takmynan ýüz-ýüz elli ädim çemesi aralyk galanda Baýandyr ýere ýapyryldy-da, bukdaklap ugrady. Çetki syýrgyna ýakyn baryp, ýerde ýatdy-da, üşerilip, daş-töwerege diň salmaga durdy.
Entek irdi. Adamlaryň aýagy ýygnanmandy. Ýarygijeden agyp, il ýatyp it uklaýança birsellem ymyzgansaňam bolman durjak däldi. Şonuň üçinem Baýandyr adamboýy otlugyň içinde jaýlaşykly ornaşdy-da, gözlerini ýumdy. Ol özüniň ýatyp galmajakdygyny bilýärdi. Ýitigözlülikden başga kyýatlaryň ýene-de bir artykmaç tarapy, olar ukusyna örän sakdylar. Beýik düzlügiň ähli ýaşaýjylary at üstünde bolsun, endigan, göni ýolda paýu-pyýada ýöräp barýan bolsunlar ýa-da tekerleriniň jygyldysy çar-töweregi zenzeleden dolduryan kybytda bolsun, tapawudy ýok, maý tapdyklary uklap bilýärdiler. Ýöne kyýatlaryňky ýaly özleri üçin kesgitlän wagtlary oýanmagy welin, her kes başaryp durmaýardy.
Baýandyr gözüni ýuman dessine ymyzgandy. Ýöne birdenem eýýäm indi ençeme wagt bäri gündizler huşuny bulaşdyryp, gijeler

ukusyny bozup azar berýän keşp gözüniň öňünde ýyldyrym çakan ýaly ýalpyldap gitdi. Baýandyr biri oslagsyz elinden çekip goýberen ýaly, allaniçigsi bolup tisginip gitdi-de, dikeldi. Tomus gijesiniň ýyldyzy deýin lowurdap duran gözler misli edil dirilikdäki ýaly, onuň çat maňlaýynda lowurdap durdylar. Baýandyr bu jadyly garaýşy huşunda ýa-da düýşünde görýändigine düşünip bilmän, gözlerini jebis ýumdy-da, başyny silkeledi. Emma ol humar ediji bakyş onuň hyýalyndan aýrylyp, ýitip gidibermedi. Ol barybir onuň kalbynyň iň soňky dynnymyna çenli dolduryp, ýüreginiň töründe lowurdap durdy.
Baýandyr uludan demini aldy.
“Mukaddes Gök Kudaýy – Gudratly Deňri meniň günäm näme, meni beýle tükeniksiz jebir-süteme sezewar eder ýaly?! Geçen güýzden bäri, eýýäm ýedinji gezek Seniň gursagyňy bezeýän Aý, tüm-garaňky gijelikde lowurdaýan gum pişiginiň gözlerine çalym edip tegelenip, soňam tene düşen gyzgylt ýarajyk mysaly, dilijege meňzedi. Emma meniň derdim bolsa sabamakdan geçen gaýta gün-günden örjeýär… Taryhy proza